# Ýeri, onsoñ, oguzlarmy ýa Kolumb?

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýeri, onsoñ, oguzlarmy ýa Kolumb? ÝERI, ONSOÑ, OGUZLARMY ÝA KOLUMB?

Orta asyr eýýamyndan başlap, amerikaly indeýleriñ gelip çykyşy baradaky mesele bütin dünýäniñ alymlarynyñ birnäçesini öz erkine goýanok. Gadymy dünýäniñ uçursyz beýik medeniýetini kemala getiren ol syrly indeýler kim bolmaly?
H.Kolumb Amerikany açyp-açmanka (1492 ý.) onuñ ilkinji açyjylyk roluna dalaş eden adamlar tapyldy. Kolonial döwürde indeýleriñ ata-watany Ysraýyl bolupdyr diýen pikir ýörgünlidi. Bu çaklamanyñ ýüzlerçe tarapdary bardy. Muña-da Gadymy Töwratdaky Palestina basylyp alnandan soñ Ysraýyldan on taýpa kowlupdyr diýen hekaýat esas bolup hyzmat edipdir. Amerikadaky beýik medeniýeti hem ana, şolar döredipdi diýilýärdi.
Indeýleriñ gelip çykyşlary barada XVII asyrda başga-da käbir çaklamalar peýda bolupdy. Käbirleri indeýler deñizde ýüzüji finikiýalylaryñ nesli diýseler, beýleki birleri olaryñ añyrsy müsürliler bolmaly diýipdirler. 1879-njy ýylda E.G.Tompson »Atlantida mif däldir» diýen makalasynda maýýa atly indeýleriñ gelip çykyşlary barada öz teoriýasyny beýan edipdir. Ol şol makalasynda maýýalar medeniýetli atlantlaryñ nesli bolmaly özleri hem gark bolan Atlantidadan gelip çykypdyrlar diýip tassyklaýardy.
Ýewropaly alymlaryñ köp sanly çaklamalaryny birin-birin seljerjek bolup oturmazdan geliñ, türkmen awtorynyñ çaklamasyna ser salalyñ. Geçen ýylyñ (1991) 29-njy noýabrynda »Edebiýat we sungat» gazetinde TDU-nyñ fiziki geografiýa kafedrasynyñ dosenti G.Gurbandurdyýewiñ »Kolumbmy ýa oguzlar?» diýen makalasy çap edildi. Awtor öz makalasynda 20 müñ ýyl mundan ozal indeýleriñ ata-babalarynyñ Bering bogazyndan geçip Amerikanyñ territoriýasynyñ jümmüşine aralaşandyklary (dil

meñzeşligi, 300 sözünden 50-si gadymy türk diline degişlimiş, etnografik meñzeşlik-indeýler bilen gadymy türkleriñ porhançylyk däp-dessurlary gabat gelýärmiş we ş.m-ler) mysal getirmek bilen, awtor indeýler Merkezi Aziýa bilen Manžuriýadan gelip çykypdyrlar diýen netijä gelýär.
Dogrudanam indeýleriñ Aziýadan gelip çykandyklary barada bu gün ýalana çykaryp bolmajak subutnamalar bar. Arheologiýadan, etnografiýadan, antropologiýadan, geologiýadan bolan maglumatlar muny şeýtmäge doly mümkinçilik berýär. Bu babatda men makalanyñ awtoryna »hä» diýip biljek, ýöne makalanyñ birneme soñragynda bir zatlar-bir zatlar diýlip ugraýar welin, bu taryhçylaryñ birentegi çaşyñ gözüne sereden ýaly edýär.
G.Gurbandurdyýew: indeýler gadymy türk hem oguz taýpalarydyr diýýär. Türkler we oguzlar diýen düşünjeleriñ garym-gatym edilmegi bu günüñ-düýnüñ işi däl. Bu öñräkden bäri şeýdilip gelinýär. Emma bu düýpden beýdilmeli däldir. Sibiriñ we Orta Aziýanyñ türki halklaryny antrologiki taýdan tapawutlandyrsa bolar. Türkleriñ-oguzlaryñ Orta Aziýa merkezi Aziýadan gelmän, eýsem, gadymy türk taýplarynyñ (saklaryñ bir bölegi bolan massagetleriñ) Altaýa barandyklary, ol ýerde-de ilkinji türk dinastiýasyny döredendikleri barada degişli maglumatlar bar. Olar özleriniñ »türkler» diýen etnonimlerini Altaýyñ, Sibiriñ taýpalaryna hem ýaýradypdyrlar, şeýdibem köp milletli ümmülmez ýurtda deñziñ damjasy ýaly bir zat bolup galypdyrlar. Şondan soñ olaram özlerine türkler diýip at beripdirler. Muña türkleriñ urug-taýpa rowaýatlary, legendalary, Orta Aziýada has gadymy runa ýazgylarynyñ tapylmagy, olaryñ hem uzagyndan gadymy türk Orhon we Ýeniseý ýazuw ýadygärliklerinde özleriniñ gutarnykly beýanyny tapandyklary aýdyñ şaýatlyk edýär.
Elbetde, özüniñ teoriýasyny tasa getirmek üçin, makalanyñ awtory nämedir bir zada daýanmaly ekeni. Awtor şeýle çykalga tapypdyram. Ol Amerikan indeýleri ÝAPARLY diýen oguz taýpasy bolmaly, ol taýpa bolsa aleutlar bilen bolan söweşde indeý sährasyna tarap yza çekilipdir diýýär.
Bir zady bada-bat belläp geçmek gerek, makalany okap çykýarsyñ welin, Amerikanyñ indeýleru bir halk ýaly bolup görünýär. Hakykatda bolsa onuñ sostawy dürli-dürlüdir. Demirgazyk

Amerikanyñ indeýleri merkezi amerikan ýa-da günorta aborigenlere meñzeş däl diýen ýalydyr. Şonuñ üçinem, olaryñ medeniýetini we dilini bir ýere syrykdyrmak bolmaz. G.Gurbandurdyýew bolsa türkler bilen indeýleriñ dil meñzeşligini maýýa indeýlerinden (Merkezi Amerika), dini ynançlaryñ deñeşdirmesini (porhanlygy) bolsa demirgazyk amerika taýpalaryndan gözleýär.

Oguzlaryñ ÝAPARLY taýpasy barada Mahmyt Kaşgary IX asyrdan mysal alýar, maýýanyñ beýik medeniýeti bolsa biziñ eramyzyñ III asyrynda gülläp ösýär. Bularyñ üstesine-de, ähli oguz taýpalary şol döwürde Sibirde däl-de, Orta Aziýanyñ territoriýasynda, eskimoslar we aleutlar bilen goñşulykda ýaşapdyrlar. Antropologik derñewleriñ görkezişi ýaly, oguzlaryñ aglabasy Orta Aziýanyñ ýewropeoid ilaty bolupdyr, indeýler bolsa halklaryñ mongoloid toparyna degişli bolupdyr. Oguz □ türkmenleriniñ has ýakyn nesilleri baradaky häzirki zaman maglumatlary hem olaryñ Ortaýer deñziniñ ýakasynyñ ýewropeid jynsyna degişlidiginden habar berýär. Bularyñ üstesine-de mongoloid gatyndysyna garamazdan, bu tip türkmenleriñ Orta Aziýa, Altaý, Sibir halklarynyñ hemmesinden, has hem beteri, indeýlerden çürt-kesik tapawutlanýan durnukly jyns alamatlary bolupdyr.

Bir pursatlykça makalada aýdylýan zatlar taryhy nukdaý nazardan şeýle bolupmyşam diýeliñ. Şonda biz şeýleräk ýagdaýy göz öñüne getirmeli bolarys. Orta Aziýanyñ ýaparly diýen oguz taýpasy IX asyrda bir sebäp bilen öz ata mekanyndan çykyp gidipdir. Ýüzlerçe kilometr geçenlerinden soñ olar sowuk Sibir ülkesine düşüpdirler. Aleutlar olary kabul etmän, Bering bogazyna tarap kowup başlapdyrlar. Bering bolsa geografiýanyñ maglumatlaryna görä (makalanyñ awtory hem taryhçy däl-de geograf) 11 müñ ýyl mundan ozal bogaza öwrülipdir. M.Stingliniñ sözlerine görä, »mährem ene bolan Aziýany Täze dünýä indeýleriñ Amerikasy bilen birikdirýän göbek hemişelik kesilipdir». Kowgudyr yzarlamadan halas bolmak üçin ýaparlylar haýal etmän, Bering bogazyndan ýüzüp geçipdirler we amerikan territoriýasyna aralaşypdyrlar, şeýdibem, indeý taýpalarynyñ urugbaşy bolupdyrlar. Munuñ üçin öñ sährada göçüp-gonup ýören

adamlar gämiler ýasanypdyrlar, çünki bogazdan şeýle ýüzüp geçmek başartjak zat däl eken.

Hakykatdan hem bu şeýle bolup biljek zatlarmy? Eger-eger! Awtor bu barada oýlanmadymyka? Henizem biziñ ýerli gazetlerimizi daşary ýurtlarda okamaýandyklary gowy zat. Bolmasa, bu ryswalyk ýene-de taryhçylaryñ başyna düşerdi.

Okyjynyñ: »Dil meñzeşliklerine näme diýjek» diýip, soramagy mümkin. Hawa, dil meñzeşlikleri bar. Bir wagtlar ähli halklaryñ düýbi bir bolupdyr. Häzirki wagtda muny subut edýän nostratiki teoriýa döredildi.

Baryp meşhur akademik N.Ýa.Marr bütin dünýäniñ dilleriniñ bir-birleri bilen eriş-argaç ýaly baglydyklaryny aýdyp geçipdi.

Sowet lingwisti A.B.Dolgopolskiý: »Hindi-Ýewropa, ural, altaý, çukot-kamçat, kartweli we semit-hamit dilleriniñ morfologemalarynyñ arasyndaky meñzeşlige ähtimallyk bilen baha bermek meñzeşlige ähtimallyk bilen baha bermek meñzeşliginiñ tötenlikden bolup bilmejekdigini we birek-birege geçýän sözleriñ netijesi däldigini görkezdi, şunlukda bolsa ony genetiki garyndaşlyk arkaly düşündirmeli bolýar» diýip ýazýar.

Munuñ özi indeýleriñ dilleri bilen bütin dünýäniñ halklarynyñ dilleriniñ arasyndaky meñzeşlik seljerilse, ony hökman tapyp boljakdygyny añladýar. Diñe bir-birleri bilen daş asyrynda aýrylyşan halklar bar. Ana, şolar barada gürrüñ edileninde, biz olaryñ dilleriniñ arasyndaky meñzeşligiñ azdygyny görýäris. Beýleki halklar bolsa bir-birlerinden taryhy taýdan golaý döwürlerde — mundan 90 asyr ozal aýrylyşypdyrlar. Şonuñ üçinem, Meksikanyñ lingwist alymy M.Swadeş şol gatnaşyklary seljermek üçin Köne Dünýäden onçakly uly bolmadyk döwür aralykda aýrylyşan indeýleriñ dillerini esas edip alýar. Netijede dene-fin diýlip atlandyrylan dil topary peýda bolýar, ol topara bolsa, ket, ural-altaý, çukot-kamçat, eskimos-aleut, wakaş, na-dene, ýapon, kutenaý, aýn-niwh, koreý, hytaý we tibet-birma dilleri girýärler.

Dillerdäki, dinlerdäki, etnografiýalardaky we ş.m-lerdäki meñzeşlikleri sanasañ, sanap oturmaly. Gerek halatynda dünýä halklarynyñ garyndaşlygyny subut etmek onçakly kyn iş däldir. Ýöne hemişe taryhy wakalaryñ hronologiýasyny saklamak

gerekdir. Munuñ üçin bolsa spesialistleriñ giden bir armiýasy bar. Çeşmeler, edebiýatlar öwrenilende, çenden çykarylman, ýüzleý däl-de, çuññur çemeleşilmelidir.
Beýik akademik W.W.Bartold taryhy maglumatlary galplaşdyrany üçin A.S.Puşkini tankytlamak bilen: »Her näçe beýik hem bolsalar, taryhy ýazyjylar däl-de, sadaja ylmy işgärler ýazýarlar» diýip ýazypdy.
Munuñ şeýledigi hak!

Öwez GÜNDOGDYÝEW,
taryhçy.

«Edebiýat we Sungat» gazeti, 14.02.1992 ý. Taryhy makalalar